# Dünýäni ýok etmändigiňiz üçin minnetdar

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Dünýäni ýok etmändigiňiz üçin minnetdar DÜNÝÄNI ÝOK ETMÄNDIGIŇIZ ÜÇIN MINNETDAR




*«Tüýs ýüregiňiz bilen meňkiň dogrudygyna ynanýanyňyzy bilýärin. Meniň ýerimde bolsaňyz sizem şeýderdiňiz»*
***Suratda: ABŞ-nyň prezidenti Jon Kennedi bilen SSSR-iň döwlet ýolbaşçysy Nikita Hruşýow***
Dünýä 1962-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda ABŞ-nyň ýa-da SSSR-iň goýberen raketasynyň dünýäni ýok edip taşlajak urşuň turma gorkusy bilen demini tutupdy.
Jon Fisjerald Kennedi bilen Nikita Hruşýowyň arasyndaky dikleşme ýetjek derejesine ýetipdi we iki lideriň arasyndaky sene-mene gitdigiçe güýjeýärdi.
Arada durup biljek täsirli araçy hem ýokdy.
Amerikan kenarlaryna segsen kilometr golaýlykdaky Kubada raketalar ýerleşdirildi. Bu hummaly atmosferanyň ortasynda birdenkä Kennediniň özüni alyp barşy ýumşady. Munuň bilen birlikde başky gödek çemeleşesini saklap galanam bolsa, sowet garşydaşynyňam özüni alyp barşy ýumşady.




Yzyndan Hruşýow oturyp, sekretaryna taryhyň iň möhüm hatyny ýazdyrdy. Hatyň tekstini dykgatyňyza ýetirýärin:

*«Moskwa. 1962-nji ýylyň 24-nji oktýabry. Hormatly Prezident. 23-nji oktýabrda ýazan hatyňyzy aldym, okadym, öwrendim.*

*Hormatly Prezident, eden hereketiňiz bilen bize beren ultimatumyňyzyň şertlerini üpjün edendigimizi göz öňüne getiriň. Muňa özüňiz nähili garşylyk bererdiňiz? Nämä düşünmelidigimizi biziň paýymyza goýansyňyz diýip pikir edýärin.*

*Hormatly Prezident, bu şertleri teklip edip, bize dişiňizi*

*görkezdiñiz. Beýtmegiñizi kim talap etdi? Haýsy hak-hukuk bilen beýtdiñiz? Siz, Hormatly Prezident, karantin yglan edeñzog-a, tersine ultimatum berip, talaplaryñyzy ýerine ýetirmesek güýç ulanjakdygyñyzy aýdyp, haýbat atýarsyñyz.*
*Aýdýanlaryñyzy gaýtadan oýlanyp-ölçerip görüñ! Meni muña yrza ederin, boýun egdirerin öýdýärsiñizmi? Ýok, Hormatly Prezident, men muña razy bolmaryn. Tüýs ýüregiñiz bilen meñkiñ dogrudygyna ynanýanyñyzy bilýärin. Meniñ ýerimde bolsañyz sizem şeýderdiñiz. Şoñ üçinem «Ýok!» diýýäris. Sowet hökümeti halkara deñiz giñişlikleriniñ we howa çäkleriniñ ulanma özbaşdaklygynyñ bozulmagyny adamzady ýadro raketalary bilen jahan urşunyñ gorpuna tarap itýän agressiýa hasaplaýar.*
*Şol sebäpden sowet hökümeti Kuba giden sowet gämileriniñ kapitanlaryna adany gabaw astyna alan amerikan harby-deñiz güýçleriniñ görkezmelerine gulak asmalary üçin tabşyryk bermejegi köre hasa. Sowet deñizçilerine berjek tabşyrygymyz – halkara deñiz giñişliklerinde umumy kabul edilen nawigasiýa ülñülerine berk eýermekleri we ondan bir ädimem gyşarmazlyklary bolar.*
*Eger amerikan tarapy bu düzgünleri bozan ýagdaýynda, getirjek netijesine döz gelmeli bolar. Elbetde, çyk deñizlerde amerikan gämileriniñ edýän garakçylygyna sesimizi çykarman durar öýtmäñ. Şeýle ýagdaýda biz öz hak-hukuklarymyzy goramak üçin gerekli we ýeterlik hasaplaýan taýýarlygymyzy görmeli bolarys. Şeýtmek üçin hemmetaraplaýyn mümkinçiligimiz bar.*
*Hormatlamak bilen N.Hruşýow».*




Semir ATAULLAH,
Liwanly žurnalist.
Çarşenbe, 02.08.2023 ý. Publisisistika